Muhammet
BEKGIÝEW



# KÖŇÜL SÖHBEDI

(Goşgular we terjimeler)

## HAT

*“Durmuşda her bir işde öz daňan*
*ýüpüňi özüň  çözmäni başarjak bol!”*
**Kakamyň öwütlerinden**

**1**
Kaka, soňky günler sabrym ýetenok,
Garaşmaga,
göreşmäge,
ýeňmäge.
Umydymy baýdak edip gezsemde,
Haýry ýetmez gussalarmy kemmäge.

Ýetilmedik menzillerde azaşyp,
Bir öýjagaz dikdim arşyň töründen.
Soňky günler üzüp ýerden aýagym,
Aýy ýassyk edip ýatyp ýörün men.

**2**
Kaka, pikrim ýaly perişan günleň,
Del duýgusy jepa berýär her deme.
On üçünji synasy deý süňňümiň,
Aladalar labyr atdy gerdene.

Gijelerne öz-özümden ýadyrgap,
Ýaka ýyrtyp gitsem diýýän bir ýere.
Ak säherde efganyma çöl içre,
Hydyr duşsa ähli arzym diýere.

Gömülipdir
görejimde gözýaşym,
Tukat didelerme bolmansoň lazym.
Ganat-perden jyda düşen guw ýaly,
Gam içinde gark bolupdyr yhlasym

**3**
Kaka, öwütlerňe ömrüm adaglap,
Düşmen, bagta barýan hyýal atymdan.
Ýöne,
Ejizlik her näçe aýybam bolsa,
Gorkýan,
çemeçilleň hyýanatyndan.

Syrly gep-gürrüňler sabrym tükedip,
Ýekirlen ýüzlüler gözlände kemim,

Daşymda galkan deý goragym bolan:
Gyşda doglan dostlarymdan razy men

**4**
Kaka, juwanlykda düşündim magat,
Bagtly güne ýeter eken ýaş aýan.
Indi müň gün bäri ene şäherde,
Hasyl bolan arzuw bolup ýaşaýan.

Golaýlaşýar ýaşymyzyň arasy,
Düýnüm galdy alyslarda azaşyp.
Ömürhanaň bir ornuny boş goýup,
Uçaňdan soň durnalara garyşyp
ýerde ýalňyzlygyň heýkeli ýaly,
Kirpi saç baglar deý dymyp galdym men.
Dutaryň kirşi dek inçejik ýolda,
Soňky gözýaş bolup damyp galdym men...

## Düşünmek

Gel, gowsy geçmişden bolma:ly nadyl!
Agtarmaly geçip giden derdimiz.
Söýgä giç düşündik,
Şoň üçin bu gün
aýralykda çekip ýörüs derdi biz.

Hoşlaşykda,
Dil däl, dymdy ýürekler.
Hoşamaý günleriň bilmedik çakyn.
Biz bagtyň keşbini görmedikmi, ýa
iň eziz düýşüni gördükmi Hakyň?!

Ýazgytda ýok bagtyň naýynjarlygy,
Bizi bir-birekde galdyryp bilmez.
Iň soňky sözümiz yşgymyz aklap,
Teşne umytlarmyz gandyryp bilmez.

Günler galňap barýar ol günden bäri,
Gezip ýörüs düýnümizden kemsinip.
Gursagymda seni göterip sensiz,
Sen hakdaky ýazan,
ýazjak aýdymlam
Tukat gijeleriň hüwdüsi bolup,
Ýaňlanar ýaýlalaň ýüregne siňip.

Biz  gowsy geçmişden bolmaly nadyl,

Solan umytlardan tapmarys many,
Gün geler,
gül açar ömür bossany.
Şonda oýalykda ýiten bagtymyz
Sežde edip ýörer zemin-asmany.

**Köňül pelsepesi**

Duýmasam durmuşyň dabarasyny,
ýerlemesem gujagynda günleriň.
Derwüş deý syrymy gizläp içimde,
gije-gündiz golda bolsa gülberim.
Sen maňa düşün.

Paýlap juwan ömrüm bolsadylara,
ham hyýallaň hasylyna garaşsam.
Görülmedik günde sessiz şäheriň,
bir näbelet köçesinde azaşsam,
didelerden, didarlardan ara açsam,
Sen maňa düşün!

Inçe billi ýodalarda usurgap,
teýim kylsam husnuň istäp çöl içre.
Seri sergin sähralarda syňsyrap,
hoş söz üçin bagtym bersem müň hijre.
Sen maňa düşün!

Dodagymdan damyp bilmän hak sözüm,
damagymda doňup galsa buz deýin
Päk niýetleň pellesinde bir pursat:
Başa çeksem, Haýýam göteren meýin.
Sen maňa düşün!

Düşün maňa!
Ýeller öpen,
Gün ogşan,
Geýimsiz daglarda ýerlese ruhum.
Dünýäň dabanynda ýyldyrym çakyp,
Badam gözýaşymdan püre-pürlense.
Gözläp gözýetimden gämisin Nuhuň,
Düýnleriň düýşünde geljegim görsem,
Bir gün ýetmek üçin seniň ýanyňa,
Her demimde, ädimimde özgersem,
...Ýol ýitiresem, ýetip bilmän menzile
Al ýanyňa, bakyp solan meňzime!

## Galar

Hiç haýyr bermedik miwesiz bagyň,
Bahasy guransoň odunda galar.
Diňe şol hakdaky ýatlamalaryň,
Bir pursatlyk ýakan oduňda galar.

Adamdyr  özüniň uly duşmany,
Ýürek islär öz ýaryna du:şmany,
Ykbalyňda aýralygyň nyşany,
Iň eziz görülýän zadyňda galar.

Durmuşda çyn dostdan duşmanyň kändir,
Haýyr işde badak atjak betpäldir,
Umytsyz başlangyç başlangyç däldir,
Ol diňe batlanan badyňda galar.

Ýürek gamdan çişer mähre ganmasa,
Göwnüň aglar her pursatda gam basa,
Gül ýüzüňden bagtyň nury dammasa,
Köýen umytlaryň dadyňda galar.

Kineler dert berer,gezmegin aýtman,
Ädim ät hoş goş güne yzyňa gaýtman,
Il üçin iş etseň gijeler ýatman,
Asyrlar geçsede adyňda galar.

Ýüregmize goýup bir pursat eli,
Mährem enelere tagzym edeli,
Zeminde ýagşy söz azam däl weli,
Ýöne iň ezizi ýadyňda galar.

## Güýz hakda

Güýzüň ysy gelýär ine,
Säherleriň howasynda.
Äleme buşluk ýaňlanýar,
Serçeleriň owazynda.

Meýdandaky hatar baglar,
Geçen gije has üşäpdir.
Başlary saralan baglar,
Saçlaryn ýere düşäpdir.

Garagolja daň şemaly,

Müň öwüsip göwnün hoşlar,
Her bir adam şu pursatdan,
Höwes bilen işe başlar.

Gök asmanyň bulutlary,
Kerwen kimin düzülipdir.
Şahasyndan tänen ýaprak,
Alma kimin üzülipdir.

Düzülipdir ýene gökde,
Durnalaryň giň hatary.
Al-asmana nagyş bolup,
Bezeýärler günbatary.

Täzelenýän tebigatdan,
Aýrylma ýokdur sähelde.
Göze dolýar gözel güýzüm,
Ine şeýdip her säherde.

**Saňa söýgim**

Jogap tapman tolkun atan gaşlardan,
Söýülmesem nädeýin.
Gözleriňden dökülmejek ýaşlardan,
Söýgi bolup ädeýin.

Gül keşbiň nurana, öwüp aýdamok,
Jadylady şol meni.
Hyýalymda seň dünýäňden gaýdamok,
Unutma ýar, gelmegi.

Ykbalyňda şowly çykanda bije,
Söýgiňi ezizlegin.
Ümsümlige siňip garaňky gije,
Ýazaryn ezizligin.

Ter güllerden bezäp sagy-sollaryň,
Gözel aýdym düzerin.
Diňe saňa ýetmek üçin ýollaryň
kynçylygna  dözerin.

Dabanymda daşlar yzyn goýsa-da,
Ýedi aşyklar ýardyr.
Jellat alyp, ýa tenimden soýsa-da,
Ähtime wepam bardyr.

Mežnun kimin meňzesem-de dälä men,
Ýürekdäki aşygyň.
Yşkym üçin jenaýatçy däl-ä men,
Alçy gopan aşygyň.

Her günüme al salsa-da pelegiň,
Derdin ýolumdan itmen.
Synasaň-da,
gynsaň-da melegim,
Ynan, söýgiňden gitmen!

**Birmahal, ikimiziň dostlugymyz...**

...Öwrülip köne haraba,
Kalbyma güman indi.
Dünýäniň degre daşyna,
Ylahydan duman indi

Erkim ýetmez ertirime,
Keç täleýe gargyşym ýok.
Sabrymyň soňky nokadyn,
Ömür-ömür goýmuşym ýok.

Diýsinler, däli diwana,
Ýüzüme diýsin diýenler.
Ýogsa, ýüregme ýapyşdy:
Düýnüki duzum iýenler.

Kalbym içinde ýat men,
Biguman düňle illerde.
Sabrymy synama dostum!
Abraýym galar dillerde.

Seniň duzuňy depmerin,
Kem etmerin dost nepinden.
Bir haýyşym: gutar meni,
Müň ýamaly il gepinden.

Barlygymy duýmaýyn men,
Uýmaýyn özgäň diline.
Senden ömre deň haýyşym:
Ýaşama şöhrat dilene!

## Umyt

Sensiz arzuw bilen geçip dur günler,
Gaýdyp geljegiňe berermiň kepil,
Ýalňyzlyk oduna kalbymyz örtäp
Orta ýolda galdyk bolup ser sepil.

Berse il  söýgimiň çyn jogabyny,
Döz gelerin sowuklygna bar gyşyň.
Ýa seni ýürekden söýenim üçin
Çekmelimi özgeleriň gargyşyn.

Barmyşyn çyn söýgiň jebri –jepasy,
Döz gelerin talak berip derdine.
Dag daşlary ogşasa-da dabanym
Bararyn men bagtym alyp gerdene

Merdiňe bir pursat aýlap nazaryň,
Çyn söýgüsin aňla serin säm eden.
Bagtyň özi boýna salyp halkasyn
Duşurandyr ykbalyňa täzeden

Näz eden günleriň ýalňyz ýoldaşym.
Aglaýar ýüregim gussada sessiz.
Unudyp şatlygmyň gülkülerini,
Wysala ýetmedik ömrüm höwessiz.

Sensiz arzuw bilen geçse-de günler,
Geljegim bagtyňa baglydyr ýarym.
“Ýok,  aýyrmak üçin duşuran däldir,
Seni maňa sataşdyran ykbalym!”

## Uruş ýatlamasy

Watan üçin söweş guran gerçekleň,
Mertlik bilen akdy gyrmyzy gany.
Ýat ülkede topragyna zar bolup,
Näbelli mazarlaň köpeldi sany.

Ol mazarlaň hersi bir uly ykbal:
Bir öýüň eýesi,bir öýüň başy,
Ýar gujagnyň mährin duýup bilmedik
Täze gelen gelniň gerçek ýoldaşy.

Boý gyzlaryň ogurlanan arzuwy,

Gussalary ýaly gaýdyp gelenleň.
Eli degen hatyn okap begenen,
Köýen umytlary garry gelinleň.

Eneleriň ynamyna ýugrulan,
Näbelli ýorgudy atdyrlan pallaň.
Mertlik mekdebiniň nusgasy bolan,
Kakalary dogulmadyk ykballaň.

Näbelli mazarlar bir uly umyt,
Her kim ony özüniňki saýýandyr.
Minnetdar nesiller ýatlap elmydam,
Watan gahrymany diýip söýýändir.

Goja dünýäň gujagyndan ýer alyp,
Watançylyk makdebine öwrülen.
Gahrymanlar ölmeýärler aslynda
Ýatlamasy bolup geçen döwürleň.

**Ýaz oýlanmasy**

Kebelekler bal şerbedin dadarlar,
Gözel gülleň badasyna ýygnanan.
Ýaşaýyşa aýan bolar gözellik
Mart aýynyň  gujagynda ýygnalan.

Kalba könelmejek şatlyk bagyşlar,
Guş sesi,
Gün mähri,
gülleriň ysy.
Ykbalyňda çüwen bagtly bije deý,
Ýürege ýol salar günleň gowusy.

Ýaşaýşyň  yşkyna düşen  guşlaryň
buşlugynyň simfoniýasy düzüler.
Gyşda ýagan gar-ýagyşlaň haltasy-
-  bulutlaryň aralary üzüler.

Ýaşyl öýme orananda gür baglar,
Pyntyjaklar owurtlaryn ýararlar.
Gülleň ysy bir-birine garyşyp,
Gözýetmez giňlige ganat ýaýarlar.

Mylaýym şemala güller üwreler,
Süýt bolar ýaz ýagşy, guş sesi hüwdi.

Asman monjugyna kemsiz ýuwunyp,
Gelin kömelekleň tapylar höwri.

Bu pasyl -
ýaşaýşyň ýalkanan çagy,
Göwünler galkynyp gökde gaýmalar,
Muhabbetiň mähremligne tebigat
nepisligiň näzikligin gaýmalar.

**Şahyr dostuma**

Senli günler ykbalymdan nalaman,
Dillerimde şükrüm bolar hemişe.
Bagtly günleň aýanlygna aň salyp,
Ädimlermiz deň ädiler her işe.

Dogursa-da, günler gaýgy – alada,
Ýolumyza bagtdan mahmal ýazylan.
Kalbym köne kinelerden ýadasa,
Bir sözüňe ömür gussam ýazylar.

Gözleriňde görülmedik paýhas bar,
Gerdeniňde Hakdan gelen halat bar.
Arş deňinde adyň ýazjak geljege,
Galamyňda göge galan ganat bar.

Setirleriň süňňün süzer barlygyň,
Gözelligi jana geler dag-düzüň.
Ykballaryň gül bitirjek döşüne,
Soňlanmadyk söhbetlermiz bar biziň.

Hoş niýetleň bagta gönügen ýoldur,
Çelgi bolar haýyr işde, şer işde.
Görümsiz gözlere gynama janyň,
Sogaplarňy ýazyp otyr perişde.

Alnymyzda ötülmedik ýol ýatyr,
Seniň üçin ömre deňi-duşdyryn,
Eger ýollar düşse durmuş duzagna,
Kapasada ýalňyz galan guşduryn!

**Söýgisiz gyzyň monology**

“Gel” diýmedi
Söýlen gözel

Öz ugrunda sepil bolan aşyga.
ol bolsa gerdende göterip geldi,
ýalňyz yşgyn dag - düzlerden aşyra.

Yşk köşgüne girmek isledi aşyk,
Gaýzygan dertlerin başyndan kowup.
Yşgyň gapysyndan bilmedi aşyp,
Müňläp synaglary bilse-de sowup.

Söýlen gözel görmegini güjeňläp,
Yşk derdiniň tutaşmagna hem sebäp.
Köýdürdi arzuwyn aşyklaň müňläp,
Dünýä inen ter yşkyny seňseläp.

Keşbini görenleň ýat bolýar huşy,
Aýam ejab edip gizlenýär Gökde.
Ýöne şeýle görki beren durmuşy
Yşk nuruny eýlemändir ýürekde.

Ne aşyk derdine ejizläp bilýär,
Ne ony örtemän, ezizläp bilýär.

Bir bilýäni, joşan yşgyň deňzine
Aşygyny oklap bilýär.
Ýoklap bilýär
Goldan alyp küregin.
Hem ýüregin mynçgap bilýär,
Ýaryp kükregin.

Aşyk ýigit bolsa gözläp bu ýary
umyt etdi, hoş sözüni alarna.
Ýöne didesine teşna didary,
Yşgyň açylmadyk gapylaryna
Bakyp,,
Bakyp
Bakyp doýmaly boldy
Başyna täç etjek mahmal bägülin
Şu gapyň öňünde goýmaly boldy.

Müňläp synaglary bilse-de sowup
Yşgyň gapysyndan bilmedi aşyp,
Gaýzygan dertlerin başyndan kowup,
Yşk köşgüne girmek isledi aşyk,
Söýlen gözel
"Gel" diýmedi.

### *Hyýaly söýginiň etýudy*

Sen sora! –
Elleriň meniki bolsun.
Ýalňyz yşgymyzyň hatyrasyna,
Bagtymyzy  götär ýaly Asmana
hem ýyly gujakda mäkäm gysmana,
Ýa aýak astyna zyňlan aýralyk,
Gelse, yşgymyzy dardan asmana
Şonda gitmez ýaly baky  aýrylyp,
Ýalňyz yşgymyzyň hatyrasyna
Ellerim seniňki bolsun.
Sen sora! –
Aýaklaň meniňki bolsun.
Yşkyň ýüki agyr bolup götärden,
Durmuş menziliniň ýol gyrasynda
sepil bolup galmaz ýaly tötänden.
Ýa göripleň dilegleri  birleşip,
Gül açan bagtymyz bulajak bolsa.
Päk niýetleň penasynda dilleşip,
“gitse gelmez” ýoldan dolajak bolsa,
Ýalňyz yşgymyzyň hatyrasyna
Aýaklam seniňki bolsun.
Sen sora gözlerimi!
Görmek üçin giň jahanyň hoşlugny.
Sen sora sözlerimi!
Ýaýmak üçin yşgymyzyň buşlugny.
Ýöne söýgi şeýdip haklanýar diýip,
Dillerde ebedi saklanýar diýip,
Dilberim...
Eger soraýsaň tende   janymy
Bagyşla...
Ýalňyz yşkymyzyň hatyrasyna
Berip bilmerin!

### **Söýdüm seni**

Alnymda yşgyň menzili,
Göwnüm deý açdy gujagyn.
Mežnun deý serim sämedi,
Bilmen sensiz nä boljagyn.

Bagt bady bar aýagymda,
Däldir, yşgym eňredilen
Diňe saňa ýetmek üçin,
Erkim bardyr emr edilen.

Gizleseň güler meňziňi,
Çäge deý süňňüm söküler.
Asmana galan ahymdan,
Üstüňe gözýaşym döküler.

Ömrüm galar gaýgy-gamda,
Tapmasam ulys-illerde.
Ynan, yşgymyň güýjünden
Ýol almaz uly sillerde.

Eziz ýar, örteme meni,
Ýazygym ýok, täleýim bi.
Yşk derdini çeke bilmän,
Ýa-da senden däneýinmi?!

Alnymda yşgyň menzili,
Bagt bady bar aýagymda.
Gizleseň güler meňziňi,
Ömrüm galar gaýgy-gamda.

Eziz ýar,
örteme meni,
Söýseňem söýdüm seni,
Söýmeseňem söýdüm seni!

**Hat ýaz maňa**

Sen maňa şeýle bir hat ýaz, ezizim –
Özüň üçin oňaýlyja wagt tapda.
Keşde kimin ak kagyzy nagyşla,
Wepaň hakda,
Söýgiň hakda,
Bagt hakda.

Sen maňa şeýle bir hat ýaz, ezizim –
Didelerim didaryňy ogşasyn.
Uzak ýolda nazarymy aýlasam,
Gaýrat berjek, süňňüm bilen gowşasam.

Sen maňa şeýle bir hat ýaz, ezizim –
Ýer almajak solup giden depderde,
Ykbalyň ýazgydy süňňküme ýetip
Egbarlamda, bolup biljek dep derde.

Sen maňa şeýle bir hat ýaz, ezizim –

Kasam boljak hak aşyklaň yşgynda,
Gijäň ümsümligin tutunyp arka
Penjireden jyklan Aý yşygynda.

Sen maňa şeýle bir hat ýaz, ezizim –
Buza dönen duýgularmy eretjek,
Arşda süýdün döküp giden Akmaýaň
Ýoly ýaly ýüregimde ýer etjek.

Sen maňa şeýle bir hat ýaz, ezizim –
Yşgymyzyň kalba guýan namasyn,
Kepil bolup bagtymyzyň şanyna
Gorap biljek söýgümiziň namysyn.

Sen maňa şeýle bir hat ýaz, ezizim –
Halas etjek şum-rakyplaň derdinden.
Doga kimin asaýyn men ýakamdan
Söýgümizi gorar ýaly göz-dilden.

**Mähriban käbäm**

Mähribanym,eziz käbäm,
Sensiň dünýe barym meniň.
Her pursatda diýip”Balam”,
Bolduň howandarym meniň.

Ak süýt berdiň mähir bilen,
Aglanymda diňdirerdiň.
Hüwdilerňe söýgi bilen,
Arzuwlarňy siňdirerdiň.

Gije-gündiz mähir bilen,
Çyn mähriňe dolanypdym.
Kä ýykylyp,käte ýöräp,
Ýörjen-ýörjen boý alypdym.

Ähli ýerde goraglandym,
Dogaly sözleriň bilen.
Uzak ýoldan garşylardyň,
Intizar gözleriň bilen.

Mydam berip päk pendiňi,
Ogluň üçin syrdaş bolduň,
Ýetilmedik menzillere,
Ýetmek üçin ýola saldyň.

Akyl berdiň ak süýdiň deý,
Ejizlämde gujak gerdiň.
Kämil adam bolmak üçin
Durmuşyň gujagna berdiň.

Seniňki deý mähir, söýgi,
Görmedim men heniz käbäm.
Sensiň dünýe barym meniň
Mähribanym, eziz käbäm.

**2010ý.**

*******

Sen peri däl, perigatan.
Peri bolsaň terk ederdiň.
Meniň bolsa saňa söýgim
has uludyr erk ederden.

Ýollaryňa güller düşäp,
Üşäp garda garaşardym.
Güller özün gözel saýsa,
Sen güllere ýaraşardyň.

Arzuwlarym bagyşlanan,
Nagyşlanan setirlerme.
Men bilýärin, garaşýansyň!
Aýdym bolup ýetirlerne.

Säher-de guşlar saýranda,
Ýaýranynda ajap sesi.
Aýdan ajap aýdymlarmyň,
Sensiň ýalňyz eýesi.

Yşk gatylan sözleriňden,
Gözleriňden aňlaýyn men.
Ýalňyz söýgä jogap tapyp,
Ykbalymy baglaýyn men.

Bilýärin men, söýýäniňi,
Diýýäniňi sensiň bagtym.
Gel, bile guraly biz
mizemejek söýgi tagtyn.

**2010ý.**

## Ýar bilen söhbet

Eziz ýar,

Sen meni gujaklap sakla!
Ir säherde uçup gitdi iki guş.
Bu gije ot ösdi-täze bir durmuş.
Hem uzyn derýalar,
Hem-de ak gollar,
Meniň başym sypap barýarlar akyp.
Geçilmedik ömür,
görülmedik düýş,
Gelmez gara kölge gapyny kakyp.
Gür tokaýdan,
Gara dagdan
Uly şäherden aşyp,
Uçup barýar, ganatlanan ýerimiz.
Hem yşkyň tagamyn dadan
Serimiz
Unudyp barýar,
geçilen günleri
Ol basym uklar,
derde goýup göwünleri
Şol pursatda
eziz ýar, turaly biz dessine,
Suwaraly yşgymyz
mähir sepip üstüne.

**Watan hakynda**

Kalbyma nur çaýýan güneşli ülkäm,
Watan seni keramata deňedim.
Seň goýnuňda tapdym mynasyp orun,
Sensiň meni iller bilen deň eden.

Topragyňa tagzym kyldym her säher,
Gündogardan Gün ýylgyryp dogandan.
Sonarly sähraňa gül suwy akar,
Gyzyl bägülleriň bal dodagyndan.

Asuda asmana keşde deý ylla,
Guşlar mukam çalýar asmana uçup.
Boz jerenler bökjekleýär, tans edýär,
Keýigokaradan dür suwun içip.

Gözýetimde bulutlara bürenen,
Daglaryňda gudrat gördüm ol ýandan.
Didaryny gören Hydyr atanyň,

Çölleriňe sežde edip oýandym.

Ogluň üçün mähribandyr asyl hem,
Watan seniň sähraň, belent-pesligiň.
Gursagymda apalaryn ömrüme,
Eziz Watan seniň mukaddesligiň.

Topragyňda dünýä inýär döwürleň,
Gerçek är-pirleri, beýik genisi,
Seň goýnuňda bagty çüwen ykballaň,
Mydam öňe ýüzýär bagtdan gämisi.

Aý-aýdyň gijeleň arzuwlar bagy,
Gündizleňde guşlar çalýar müň mukam.
Sen mukaddes mekan,eý,ata Watan,
Seniň deýin özge mekan barmykan?!

## Watanym bagtym

Gül goýnuňda müň mukam, sazlaryň bar owadan,
Waspy söze sygmaýan gyzlaryň gyzlaryň bar owadan,
Ömürlere ömür goşýan ýazlaryň bar owadan,
Sen şeýle bir mähriban Türkmenistanym meniň,
Watanym bagtym meniň,şöhrtym-şanym meniň.

Är-pirleriň mekany topragyňda kerem bar,
Namysyn baýdak edip gara başyn beren bar,
Geçmişe sarpa goýup, sežd etmäge ýerem bar,
Keramata ýugrulan asly mekanym meniň,
Watanym bagtym meniň, şöhratym-şanym meniň.

Bägül ysly sähraňa baksaň gözüň doýmaýar,
Gülleriňde kebelek, gökde guşlar oýnaýar,
Joşguna dolan ülkäm waspyň diller goýmaýar,
Gujagyňda il bagtyýar, bagtdan nyşanym meniň,
Watanym bagtym meniň, şöhratym-şanym meniň.

Ot-çöpüň derde derman, keremli daglaryň bar,
Periler mesgen tutan ajaýyp baglaryň bar,
Säherleriň sogaply, sapaly çaglaryň bar,
Sensiň maksat-myradym, jigerde janym meniň,
Watanym bagtym meniň, şöhratym-şanym meniň.

Gül baharyň demine biten güller üýtgeşik,

Bu gün waspyňa saýran şirin diller üýtgeşik,
Sähere salam berip dogýan günler üýtgeşik,
Göwünleň göwher gaşy damarda ganym meniň,
Watanym bagtym meniň, şöhratym-şanym meniň.

Arkadaga şan bolsun, pendine wepam bardyr,
Watanyn jandan söýene erenler howandardyr,
Eziz Türkmenistanym, adyň aýdymdyr-sazdyr,
Iki dünýe barlygym, beýik ykbalym meniň,
Watanym bagtym meniň, şöhratym-şanym meniň.

**Söýgülime**

Gel söýgülim ýene seýle çykaly,
Şol arzyly kenaryna Murgabyň.
Saýasynda süýji arzuw edeli,
Asmana ellerin uzadýan bagyň.

Ilki duşuşykda nikamyz gyýan,
Guşlaryň owazyn ýadyma salýan.
Garagol şemala bagryny oýkan,
Ter güllerden saňa çemen baglaýan.

Bäs edişip seniň bilen ýyldyzlar,
Suwda keşbin görýär asmandan bakyp.
Gijäniň görünmez perişdeleri,
Bize pata berýär bagt şemin ýakyp.

Süýnen ýyldyzlardan salamyn ýollap,
Gökde aýam söýgümizi gutlaýar,
Tükeniksiz derdiň dermany bolan,
Seň söýgiňi menden başga kim aýar.

Folklor toparyny ýadyňa salýan,
Gür baglygyň meýlisine bakaly.
Şol arzyly kenaryna Murgabyň,
Gel söýgilim bu gün seýle çykaly.

**2009ý.**

## ESGER HATY

Eger ýagyş bolsam asmandan gaýdan,
Sen seýle çykaňda ýagman bilerin.
Aýdyma öwrülip säher çagynda,
Seniň juwan ýüregiňe siňerin.

Güneşiň zemini gujaklan çagy,
Seni ýatlap ýene göge galaryn.
Söýgi şalygymyň yalňyz melegi,
Diňe seniň gözleriňde galaryn.

Henizem söýginiň atdyryp palyn,
Gezip ýörmüň öz-özüňden utanyp.
Seniň üçin ýazan goşgularymy,
Okaýarmyň ýalňyz syrdaş tutunyp.

Ýazýan hatlarymyň mährini duýup,
Keşbim görünýärmi dideleriňde.
Gullugym sag-aman dynyp bararyn,
Seniň söýgiň bilen idelerinde.

Bilýärin, kä mahal ýüregiň gysyp,
Ýalňyz seýilbaga gatnaýanyňy.
Bägüle çalymdaş bagtly ýaşlary,
Toý sähedi bilen gutlaýanyňy.

Watanym-öz öýüm,goramak borjum,
Harby kasamymy okadym uýup.
Bararyn umydym edinip ýaran,
Garaşan günlere nokadyn goýup.

**2009ý.**

**Muhammet Ykbal,**
**pakistan şahyry**

## Gije

Asmanda sönüpdir ýalkymy Aýyň,
Ýapraklaryň mejaly ýok baglarda.
Irkilen düzlerden, jülgeden geçip,
Dünýäň düýşi uka gitdi daglarda.

Köşeşipdir tolkunlaryň owsuny,
Dereklerde guşlar ýatyr sedasyz.
Tüýsi şirin gelin ýaly sypaýy -
Gije asla ýitirmedi edasyn.

Tebigatyň ses-sezasyz pursaty,
Nekkar derýa togtan ýaly görüner,
Gurbatyny gurruk guýa gaçyryp,
Ýyldyzlar öz agylyny bürener...

Eý, ýüregim şeýdip köşeş assa-assa.
Gujagyňda uka gitsin gitsin gam-gussa!

## Guşuň perýady

Asuda günlerim galypdyr daşda,
Ýyldyzlar ýat boldy jyklan bulutdan.
Hakydamda saklap bagtly günleri,
Başym sypan mesgenimi unutman.

Gözýaşyma gül gögerer säherde,
Gaýgylansam, kalbym bagtdan seslener.
Ýylgyrsam, ýaz bolup ýalkanar älem,
Şatlansam, höwürtgäm nura beslener.

Duzakdan has daşda bahar ysy bar,
Şu pursat şeýle bir erkinlige zar.
Gözümde uky ýok, serimde öýüm,
Watanym, dost-ýarym bar zatdan zerur.

Belki men garaňka gurban bolaryn:
Hoşamaý bahardan ýetişmese nur.

Garaňky kapasda ýitsem ýa ýansam,
Aýralyga neneň çydaryn onsaň.
Demimi sanaýan nobatma-nobat,
Kapasada jebre berip janymy.

Gamgyn owazymyň nalasyn diňläp,
Saýraýandyr diýip almaň ýanymy.
Sesim ýetsin diýýän bolsaň her kime,
Kapasaň eýesi goýber erkime.

**Faiz Ahmet Faiz,**
**pakistan şahyry**

## Günler ýakyn

Günler ýakyn başa düşjek synaga,
Günler ýakyn gaýgylara, dertlere.
Başym alyp gitsem sol bilen saga,
Günler ýakyn ýola çykan mertlere.

Arzuwlaryň küle dönse, gül olman,
Dabanyňdan sowar eken bedeniň.
Amallaryň galyberse ulalman
Ýakyn günler bilmez eken edeniň.

Serhoşlukdan lowurdadyp gözleriň,
Uzak ýola çykarsyň sen heserde.
Ýerde görüp gözýetimiň ahyryn,
Hoşboý ysly ýaýla ýeter gözlegiň.

Faiz, ýüregiňi taýynla derde
Günler ýakyn ýitgisine şahyryň.

## Gijeki hiňlenme

Aý astynda joşgun indi kalbyma,
Düýne döner bir pursatda şu günüm.
Arzuwlarym çümüp barýar deňize,
Gamgyn halda galýar meniň göwünim.

Gije düýşün bagra basýar wysalda.
Ýarymuky dünýe şeýle geň halda.

(Durmuş-bu erteki, görülen düýş däl,
Durmuşa düşünmek hiç mahal giç däl).

Aýyň öwüşgini ädýär adimin.
Ýapraklar şahada sanaýar demin.

Meň ýalňyz syrdaşym ýyldyzlar şu hal,
Olar çyn söýgiňe hiç etmeýär a:l.

Deňziň tolkunlary birden tutaşdy,
Gizlin hem düşnüksiz güýje sataşdy.
Görsem, deňze siňen arzuw hyýallam,
Eziz ýar, seň keşbiň bolup saýlanýar.

Jemalynda nurly didäň görünse,
Tolkunynda näzik sesiň ýaňlanýar.

**Aleksandr AFONIN,**
**ukrain şahyry**

**Aşgabat**

Bölek-bölek bolar açyk asmany,
Aşgabatda tomsuň yssy günleri.
Türkmenler bu kada belet, olaryň
tomus deý sadadyr päk göwünleri.

Meniň dogduk ülkäm — Ukrainada,
Tomus uzaklarda seýran eýleýär.
Bärde sentýabrda howanyň taby —
Otuz sekiz gradusa deň gelýär.

Gün ta:ýýar aýna deý asfalt üstünde,
Mermer binalarnyň görki ne ajap.
Altynsow gümmezler ýol salýar göge,
Güneş nury kimin ýalkymyn saçyp.

Bir ýanynda agras oýly dagy bar,
Beýleki çetinde çöl uklap ýatyr.
Behişti ýatladýan gülli köçeler,
Gözleriňe buýsanç gözýaşyn getir.

Aşgabadyň çüwdürimlerniň sany —
Asmana seçilýän damjalar deý kän.
Milli geýiminde ýaşlar, ulular,
Olar öz işine yhlasly mäkäm.
Bu ýeriň durmuşy biz üçin täsin,
Belki,

onuň taryhy hem şeýledir.
Her gije adamlar köp şükür bilen
Sabalar asuda daňlaryn atyr,
Sebäbi bu ýerde çöl, daglar hem-de
Halkyň örän beýik taryhy ýatyr.

***

Öz ýaşan ýaşyňa bolamaýar arzyň,
Nazar salsaň guş deý uçan günlere.
Ykbalyňda şowly çyksa bijeler,
Ömrüň meňzär gunça açan güllere.

Günler her demiňde garradýar bizi,
Ömür bakylyga siňmek isleýär.
Ýeke ömür... Gör, nähili az bize,
...Adam kalba müňläp arzuw besleýär.

Ýüz-gözüňe günler salanda nagşy,
Ham hyýallar hamrak bolar, ýa diňe
her säher Güneşi sylaňda ýüze,
Gökden uçan durna düşer ýadyňa.

Bize onsoň öňki eden işlerimiz,
Gaýtadan etmäge bolmaz ejaza.
Ýa ýeke gün, ýa bir sagat azyndan
Gadam goýup bolmaz gülgüzar ýaza.

Diňe güller saňa meňzäp açylar,
Ýöne olar gujagyňa dolmaýar.
Wagt geçýär, ony öwsen şemal deý,
Ýumrugyňda gysyp saklap bolmaýar.

Ömrüň ýumak ýaly saralar gider,
Dünýe düýnki deýin öz tabyndadyr.
Ýaşalan şol günler nesillermiziň,
Dowam etjek ömür kitabyndadyr.

**Güýz odasy**

Ajaýyp!
Ýene-de güýz görnüşleri,
Gaýtalanýar peder gezen düzünde.
Häzir onuň tylla reňkiniň çogy,
Gözellik döredýär ynsan gözünde.

Şeýle bir täsirli,
güýzde guşlaryň,
Tokaýlardan sürlenişip uçuşy.
Biraz kalba gussa salýar, ömür deý
Ýapraklaryň şahasyndan gaçyşy.

Munda ýagty,
ýiti reňkler kän örän,
Olar bir-birine garyşýar syrly.
Tebigat bu pasyl bütin barlyga,
Açýan ýaly iň ajaýyp syryny.

Güýz!
Eý, güýz!
Sen nähili ajaýyp!
Belki, sen ýazdanam gözelsiň juda.
Seň ýanyňda bahar güli solýandyr.

Seni duýmak üçin synlamak azdyr,
Diňe çyn ýürekden söýüp bolýandyr.
Jemläpsiň özüňde sary tomusyň,
Ragbatyny,
gözelligni,
görküni.
Bize bagt paýlaýaň, şonuň üçinem
geleriňe zar etmediň gör, kimi?!

Edil adamlaryň joşuşy ýaly,
Senem joşup-joşup siňýärsiň baka.
Bize soňsuz lezzet duýgy bermäge,
Biribaryň özi beripdir pata.

Gök Asmanyň giňişligne garylyp,
Bütin barlyk sarylyga boýalýar.
Sen bir deňsiz-taýsyz tylla erteki,
Gadamyňdan daglar, baglar boý alýar.

**Hariwanşraý BAÇÇAN,**
**hindi şahyry**

## Ýyldyzlaryň aýdymy

Gujaklanda ähli ýeri ümsümlik
Diňledim men garaňkyda asmany.

Ýyldyzlaram aýdym aýdýarmyş weli,
Eşitmedim sesin, agtaryp many.

...Ýyldyzlaň aýdymyn diňleýän asman
Onuň päklik nury bilen geýinýär.
Ýyldyzlaň aýdymy gijeki ýagşyň
Damjalary bolup zemine inýär.

Taňryň gökde guran beýik tagtyndan
Ene ýeriň aýasyna gelende
Müňläp ýagýan şol damjalar ses edip
Aýdym bolup galýar eken belende.

## Ýatlama

Heý, ýatdan çykarmy, şo-ol
Seni ilki gören günüm.
Kalbymyň päk gapysyny,
Saňa giňden geren günüm.

Heý, ýatdan çykarmy, hemmä
yşgymyz bolanda mälim,
Aýagyňa başym goýup
Seni Hudaýdan dilänim.

Heý, ýadymdan çykarmy, aýt!
Ýüregimiň berip törün
Bilýän, eýýäm ýyllarboýy
Ýalňyz seni söýüp ýörün.

Emma ýadyma düşenok,
Bilemok men haçanlygyn,
Ýadymda däl seniň maňa
Ýüregiňi açanlygyň!

**Aleksandr Çawçawadze**
**gruzin şahyry**

## Küýseg

**I**
Menem gitdim aslys-alys ýollara,
Wada berip dolanmaga yzyma.
Ýitmedim gyşlarda,
Epgek tomusda,
Gaýrat berip epilmedik dyzyma.

Demi bilen dünýäň derdin sanaýan,

Ak saç enem kaýyldyr öz gününe.
Dogulmadyk çagam
Ejesi bilen
Garaşýandyr meniň barjak günüme.

**II**
Men dolandym alys-alys ýollardan.
Ähli zat: nurly Aý, Günüň şöhlesem
ozalky ýaly.
Lipalaň gülleri görklendirýärdi
uzalan ýoly.

Bu barlykda bolsa geljegim ýagty.
Dolanaryn.
Watan seni küýsämde.
Tenime toprakdan paý düşen wagty.
Dolanaryn.
Topragym sen küýsäňde.

**Nikolaz Barataşwili**
**gruzin şahyry**

**Tanyşlyk**

Biz nätanyş bir-birege.
Düýşler bizi duşurmady.
Hem asman,
Hem zemin içre,
Güýçler bizi duşurmady.

Ak urba dek gyşyň gary,
Kendirik deý giň sährany
Bezän çagy.
Bezäp bagy
Gözüm düşdi gelýäniňe.

Şol pursat sary saçlaryň,
Aldy kalpdaky mydarym.
Hem Güneş deý şöhle saçyp,
Eredýärdi gyşyň garyn.

Şol gün sebäp duşmagmyza,
Hem ykbalyň beren bagty.
Söýgümizi giden sähraň.
Aklyk bolup gören wagty.

Eý, gözel!
Ne güýç,
Ne düýş,
Duşurdy bizi!

**M .Ýu. Lermontow,**
**rus şahyry**

## Bagtly bolmak

Dostum!
Mähir bilen gujak gerersiň,
Ýaşlyk höwesiniň joşgunyn duýup,
Şeýdip sen arkaýyn aýdyp bilersiň:
“Men bagtly boldum!” diýip.

Bu dünýeden doýan adam birmahal,
Ýaşap ýör kalbyna gussasyn geýip.
Ol birdenem aýdyp biler bimahal:
“Men bagtly boldum! “diýip.

Meniň bolsa aladam kän gerdende,
Gaýgy-gussalarym ganyma siňip.
Şonuň üçin aýdyp bilmen her demde
“Men bagtly boldum!” diýip.

## Ynamsyzlyk

Aýlandym bütin rus ülkelerini,
Syýahatçy ýaly ýönekeý - sada.
Hiç görmän ýagşylaň gülkülerini
Ýalan mekirlige aldandym,
ýa-da
Ömürlik dostluga duşmadym asla.
Hasrata eýlendim, mähre zar boldum,
Çyn wepany hiç göremedim asly-a,
Ýöne bir gün bir gözele ýar boldum,
Şol gözel kalbyma şatlyk getirdi,
Bagt içirip gamly derdim bitirdi.
Söýgi beren,
Gujak geren gözeliň
Ynanyp bilemok mekirligine,
Şonuň üçin ga:lar meňkiligine.

**Alysdaky ýyldyza...**

Nuruňy saç alysdaky ýyldyzym,
Her gije men seni görerim ýaly.
Sönmez şöhläň tümlük bilen göreşsin
Ýüregime joşgun bererim ýaly.

Göwnüm seň ýanyňa ýokary uçýar,
Ol ýerde ruhuma aram tapyldy.
Otdan doly bakyş gujak açsa-da
Birmahal ol meniň üçin ýapyldy.

Ýöne kä-te gujak geresim gelýär,
Görmesiz bolsa-da göresim gelýär.

**Terjime eden**
**Muhammet Bekgiýew,**
**“Edebiýat we sungat”**